# Nähili erbet adamlar kän bu ýurtda we dünýäde

Category: Kitapcy,Publisistika
написано kitapcy | 26 января, 2025
Nähili erbet adamlar kän bu ýurtda we dünýäde NÄHILI ERBET ADAMLAR KÄN BU ÝURTDA WE DÜNÝÄDE



*Meniñ üstüme biraz çöwjediler. Şonuñ üçin men biraz wagt gitjek…*
Ne adamy söýýär, ne haýwany, ne ösümligi…
Hakyky manyda mähir-şepagat duýgusyndan binesip… Agressiýa, gara güýje, hökmürowanlyga we «täsirli tanalýanlar zynjyryna» çokunýan…
Ynanç we ahlak sistemalaryny wyždan we dogruçyllyk testinden saplap, arzan çykyşlara öwren…
Adalat beýlede dursun, iñ maýda merhemet kriteriýasyna-da eýe çykyp biljek oñurgasy bolmadyk…
Puly we maddy baýlygy iñ belent mertebe hökmünde kabul edýän

(ýantorbaňyzda näçe ýylyňyz galdy we munça puly niräňize dykyp äkitjegiňize-de düşünmek mümkin däl)…
Her dürli tapawutlylyk kabul etmesini (восприятие) eline gamçy alyp ýok etmäge samsyklaçlyk bilen öwrenişen…
Ýüzüni görenimde we sesini eşidenimde öz durmuşymyň kölegelendigini duýdugym…
Haýsydyr bir bähbitlerde dil tapyşyp bilerin düşünjesinden («haýwan» ýa-da «adam» bolmak», galyberse-de bir yurtda ýa-da umumylyklarda bolmakdan) gaty erbet halda biynjalyk boldugym…
Garyp, gorkunç we biçäre jandarlarsyňyz.
Bu ýurtda we bu dünýäde… Şeýle bir köp siz, aýdar-diýer ýaly däl!
Dogrusyny aýtmak gerek bolsa, meselem, kosmoslylar, köçede iýmäge bir döwüm çörek gözleýän bitli-büreli it, iň alys ýurduň düýbünden nätanyş, dilini-de bilmeýän, diňe az-kem ahlakly saýýan adamym, dag başyndaky agaç, hatda deňziň düýbündãki moh hem maňa sizden has ýakyn…
Siz hakda has kän zatlary aýdyp bilerdim (megerem eýýäm düşündiňiz we ussatlyk bilen oňarýan zadyňyza, ýagny zäher pürkdürtmäge girişdiňiz öýdýän)…
Gepimi uzaldyp oturmaýyn.
…
Meniň üstüme biraz çöwjediler. Şonuň üçin men biraz wagt gitjek. Diňe biraz wagtlyk. Sentýabrda görüşýänçäk.

Hakan AKSAÝ.

«T24» internet gazeti, 15.08.2024 ý. Publisistika